Elektron hasaplaýyş maşynlaryňperiferiýa (daşky) gurluşlaryna wideosistemalar, klawiatura, printer, çeýe, gaty we optiki ýatda saklaýjy gurluşlar, strimmerler we başgalar degişlidirler. Kompýutere informasiýalary girizýän gurluşa klawiatura diýilýär. Klawiatura harplary, sifrlery we beýleki simwollary hem-de dolandyryş signallaryny girizýän düwmelerden (klawişlerden) durýar. Klawiaturada basan düwmäňe degişli simwol ýa-da buýruk kompýuteriň monitorynda, kursoryň duran ýerinde peýda bolýar. Kompýuterleriň klawiaturasynda harplaryň ýerleşişi dürli-dürli bolmagy mümkindir. Häzirki wagtda latyn harplarynyň we sifrlaryň ýerleşişiniňQWERTY görnüşi giňden ýaýrandyr.

Klawiaturanyň iň ýokarky hatarynda 12 sany funksional düwmeler ýerleşdirilen, olaryň köpüsi ulanylýan programmalarda ýörite ýumuşlar üçin programmirlenen. F1 düwmäni basyp kompýuterde ýerine ýetirilýän programma boýunça anyklama alyp bolar. Işlenýän programmadan F10 düwmäni basyp çykyp bolar. Klawiaturada düwmäniň depesine hat ýazylan işi dolandyrýan düwmeler bar:

- Enter —informasiýany, buýrugy girizýandüwme;
- Esc (Escape —çykmak) düwme işi ret etmek, programmadan menýudan çykmak üçin niýetlenilen;
- Ctrl we Alt —özbaşdak hiç-hili ýumuşy ýerine ýetirmeýär, başga düwmeler bilen bilelikde basylanda dolandyryş işleri ýerine ýetirýär; Shift (registr) —düwmeler bilen setir harp ýazylsa baş harpa çalysýar ýa-da tersine;
- Insert (ýerine goýmak) —ýerine goýmak düzgünine geçirýar, kursor duran ýere täze simwollary girizýär);
- Delete (aýyrýar) —kursoryň duran ýerinden başlap, onuň yzyndaky simwollary aýyrýar;
- Back Space ýa-da —kursoryň duran ýerinden başlap, ondan öňki simwollary aýyrýar;
- Home we End —kursory degişlilikde setiriň başyna we yzyna geçirýär;
- Page Up we Page Down —kursoryň duran ýerinden, ony degişlilikde bir ekran yza we öňe geçirýar;
- Tab —tabulýasiýa düwmesi, kursory saga birnäçe ýere bökdürýär;
- Caps Lock —setir harplar ýazylýan bolsa baş harplar ýa-da tersine bolan ýagda registrde berkidýär;
- Print Screen —ekranda görünýän informasiýany çap edýär.
- Iň aşaky setirdai uzyn hiç-hili simwol ýazylmadyk uzyn düwme ekrana boş ýeri girizmek üçin niýetlenen:

**Muhammet RAHMANOW**
**Türkmenistanyň Inžener-teniki we**
**ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.11.2024